# Oglum, düşün ahyryn… / gysga ýumor

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Powestler,Romanlar,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Oglum, düşün ahyryn… / gysga ýumor OGLUM, DÜŞÜN AHYRYN…

– Eje, sen bir soňky wagtda ýazyp başlan ýaşlaryň eserlerini okaýaňny ýa kakamyň ýazýan romanlaryndan, powestlerinden sypynyp bileňokmy?
– Oglum, maňa beýle töhmet atmagyn. Men ýaşlaryb eserleriniň aglabasyny okaýandyryn. Ony seň özüňem aňýansyň.
– Wah, aňýan-la welin…
– Weliň näme, oglum?
– Kakamam okaýsady. Eje, ýene bir gezek aýtsana oňa, iň bolmanda soňky döwürde çykýan hekaýalary bir okasyn-la.
– Wah, oglum, kakaň o zatlary okamaga eli degýämi näme. Ol ýene bir romany gutarjak bolup ýör ahyry. Onsoň ýazan eserlerim on tom boljak diýýär.
Ogly uludan demini alyp, ýüzüni aşak saldy. «Beh, nädip kakama düşündirip bolarka?! Nädip soňky döwrüň ýazyjy-şahyrlary bilen ony tanyşdyryp borka? Kakam olaryň eserlerini okamakdan-a geçen, özlerinem tananok» diýip, ýuwaşja pyşyrdady.
– Sen bir düşün ahyry – diýip, ejesi oglunyň pikirini böldi. – Oglum, kakaň uly ýazyjy ahyryn. Ony tanamaýan ýok. Onsoň ol wagt tapsa düýplüräk zatlary okamaly ahyryn. «Ýaşlaryň eserlerini okanymdan daşary ýurt klassyklaryndan birini okanym maňa peýdaly» diýip aýdýar ahyryn.
– Daşary ýurt klassyklaryny bir okaýarmyka?
Bu sapar oglanyň ejesi uludan demini alyp ýüzüni aşak saldy. Ahyry hem oglunyň gaýga batyp, alada galyp oturmagyna dözmän:
Oglum, jan oglum, sen bir düşün ahyryn. Kakaň soňky döwürde dörän ýazyjylaryň, aýratynam ýaşlaryň eserini okap bilmez ahyryn. Olary okasa özüniň nähili ýazyjydygyna gözi ýeter, düşüner, onsoň hiç zat ýazybam bilmez – diýdi.

Rejep ALLANAZAROW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1986. Satiriki hekaýalar